**Bertels:**
Ỳurtda we jemgyỳetde höküm sürỳän adalatsyzlyklar we gaty agyr ỳagdaỳlar Haỳỳamy-da, Magtymgulyny-da ruhy taỳdan agyr ỳagdaỳa düşürỳär. Şu hili ỳagdaỳa düşen Omar Haỳỳam gaỳgyny şerap içmek, saz-söhbet bilen ỳeňlitmeli diỳen bolsa, Magtymguly onuń tersine „Eger gaỳgy-da, şatlyk-da, ynsanyń ömri-de gysga wagtly bolsa, onda bir minut-da wagtyńy biderek geçirmeli däl, hemişe hereket etmeli, döretmeli" diỳen netijä gelỳär. Magtymgulynyń diwany ertekilerdäki Jemşidiň jamy nalydyr. Ỳagny Magtymguly ỳaşaỳşyň ähli taraplary hakda gysga-da bolsa goşgy goşupdur.

**Saỳlaw Myradow:**
Mgtymguly gündogar realizmini bir pelle ỳokaryk galdyrdy. Onuń realizmi Ferdewsi, Nyzami, Jami, Nowaỳi ỳaly abstrakt realizm däl-de düỳpli meseleleri we halkynyń bähbidini araỳan real, prinsipal
pozisiýada bolupdyr.

**Arif Hajiỳew:**
Magtymgulynyń şahyrana eserleri yzygiderli suratda onuń ömür ỳoluny, çylşyrymly dünỳägaraỳşynyń ewolỳusỳasyny şöhlelendirỳär. Belki-de sosỳal mazmuny, gündogaryń hiç bir şahyrynda edil Magtymgulynyńky ỳaly esasy orun eỳelän däldir … wagtyń umumylaşdyrylan sosỳal-etiki obrazy onuń poeziỳasynda ähli çeperçilik öwüşgünleri bilen görülỳär… Magtymguly biziń gündogar edebiỳatymyzda 18-nji asyryń haỳran galdyryjy hem täsin hadysadyr.

**Çengiz Aỳtmadow:**
Dünỳä edebiỳatynyńiń ońat eserleriniń 200 tomlygy biziń ỳurdumyzda (öńki Şuwrewide) neşir edildi. Ol, Wawilon ỳazgylaryndan, injilden başlap, tä biziń günlerimize çenli eserlerini öz içine alỳar. Şonuń „Gündogar Medeniỳeti tomunda bolsa biziń Magtymgulynyń poeziỳasy ähli döwürleriń, ähli halklaryń edebiỳatlarynyń iń ajaỳyp klasikleriniń hatarynda orun tutỳar. 18-nji ỳüzỳyl bütin Türküstanda Magtymgulynyń poeziỳasynyń ỳüzỳyllygy (asyry) dyr.

**Nazar Gulla:**
Magtymgulynyń göredijiligi biziń halkymyzyń şahyrana-filosofik pikirleriniń tötänleỳin galkynyşy hasaplanmaly däldir. Tersine ol onuń taryhy asyrlar bilen däl-de müńỳyllyklar bilen ölçenilỳän edebi mirasynyń kanuna laỳyk dowamydyr. Türkmeniń geçmişiń jümmüşine uzalyp gidỳän ruhy dagynyń iń belent gerşidir.

**Arzuw HALILOW**
**Türkmen döwlet**
**binagärlik – gurluşyk**

Все права защищены

**institutynyň talyby**

Все права защищены